TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— YNSANYŇ ABRAÝ-MERTEBESI, GADYR-GYMMATY ZÄHMETI BILEN KESGITLENÝÄR. BEÝIK MAKSATLARA ÝETMEK ÜÇIN HER BIR ÝAŞ YNSAN ZÄHMETI BAÝDAK EDINMELIDIR. ÇÜNKI ADAMZAT JEMGYÝETINIŇ ÖSÜŞI HEM-DE ÖZGERIŞI ÝAŞLAR BILEN AÝRYLMAZ BAGLANYŞYKLYDYR.

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Mart | #3/48

# Zemin zynatyndan ýazlar gülleýär

**15-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli «Zemin zynatyndan ýazlar gülleýär, türkmen ilim bu gün Nowruz toýlaýar» atly baýramçylyk dabarasy geçirildi. Baýramçylyk dabarasy Halkara Nowruz güni bilen baglanyşykly, müňýyllyklardan häzirki günlerimize gelip ýeten milli gymmatlyklarymyzyň amaly-haşam işleriniň sergisi bilen utgaşdy. Dabara gatnaşan kümüş saçly eneler, professor-mugallymlar we talyplar Milli bahar baýramynyň taryhylygy, onuň gadymy baýram bolmak bilen, ynsanperwerlik, birek-birege hormat goýmak, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerine esaslanýandygyny aýtdylar.




Şeýle-de medeni mirasymyzyň we köpasyrlyk däplerimiziň bitewüligini özünde jemlemek bilen, Nowruz baýramynyň halallyga, päklige, dogruçyllyga aýratyn orun berýän halkymyz üçin ähmiýetiniň örän uludygyny gürrüň berdiler.

Her ýylyň 21-nji marty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda «Halkara Nowruz güni» diýlip yglan edildi, şeýle-de Nowruz baýramynyň däp-dessurlary ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Gündogar halklaryna mahsus bolan bu baýramyň tutuş dünýä dahyllydygyny, umumadamzat ähmiýetlidigini, halklaryň arasynda dost-doganlygy, ynsanperwerlige esaslanýan gatnaşyklary berkitmekde uly ähmiýete eýedigini görkezýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni bilen baglanyşykly gadymdan gelýän däp-dessurlaryň täze many-mazmuna beslenýändigini nygtamak ýakymlydyr. Bir-birinden süýji toý tagamlary bişirilýän, şirin owazly aýdym-sazlar, gazallar belentden-belent ýaňlanýan baýramçylyk dabaralarynda sport ýaryşlaryna, türkmen milli oýunlary boýunça bäsleşiklere hem uly orun berilýär. Türkmen milli göreşi, ýaglyga towusmak we beýlekiler boýunça geçirilýän ýaryşlar





toý mähellesinde aýratyn uly gyzyklanma döretmek bilen birlikde, olar täze taryhy eýýamda sportuň, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň rowaçlyklara beslenýändiginiň hem güwäsine öwrülýär.

Bu baýramçylygyň ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen döwlet derejesinde giňden bellenilip, onuň taryhyny, gymmatlylygyny, adamlaryň arasynda ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekdäki ähmiýetiniň has-da artandygyny buýsanç we guwanç duýgulary bilen beýan edildi.

Baýramçylyk dabarasynda talyp gyzlar tarapyndan läleleriň, monjugatdylaryň ýerine ýetirilmegi, oglanlar tarapyndan bolsa düzzüm, küşt oýunlarynyň oýnalmagy, göreş tutulmagy halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamyndan biziň günlerimize gelip ýeten milli gymmatlyklarymyzyň, ýaşlary ruhy-ahlak taýdan terbiýelemekde we millilik ýörelgelerimize ygrarly bolmagynda uly orna eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Nowruz baýramy bilen baglanyşykly milli tagamlaryň taýýarlanylmagy we däp-dessurlaryň, urp-adatlaryň ýerine ýetirilmegi, yrym-ynançlar barada gymmatly maglumatlaryň beýan edilmegi oňa gatnaşyjylarda uly täsir galdyrdy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymsaz, folklor, «Diýar» tans we dutarçylar toparlary tarapyndan ýerine ýetirilen aýdym-sazly çykyşlar dabara özboluşly öwüşgin çaýdy.




**«Türkmen uniwersiteti».**

## Nowruz geldi äleme

### Aýdym-sazly baýramçylyk çäresi

***18-nji martda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde guramagynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli «Tebigat geýipdir zyýapat donun, türkmen ilim, Nowruz bu gün, toý bu gün!» atly aýdym-sazly baýramçylyk çäresi geçirildi.***

Baýramçylyk çäresine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlary, magistrantlary, talyplary, şeýle hem hünäre ugrukdyrmak maksady bilen, ýokary okuw mekdebine berkidilen Aşgabat şäheriniň umumybilim berýän orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylary, şonuň ýaly-da, medeniýet we sungat ussatlary gatnaşdylar.



Baýramçylyk çäresi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň okuw binasynyň eýwanynda guralan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň okuw kitaplarynyňdyr gollanmalarynyň hem-de Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni bilen baglanyşykly milli gymmatlyklarymyzyň amaly-haşam işleriniň sergisi bilen utgaşdy.

Dabarada edilen çykyşlarda Halkara Nowruz gününiň taryhylygy, onuň ynsanperwerlik, birek-birege hormat goýmak, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik ýörelgelerine esaslanmak bilen, Nowruz baýramynyň halallyga, päklige, dogruçyllyga aýratyn orun berýän halkymyz üçin ähmiýetiniň örän uludygy bellenildi.

Baýramçylyk çäresiniň dowamynda talyp gyzlar tarapyndan läleleriň, monjugatdylaryň ýerine ýetirilmegi, oglanlaryň bolsa türkmen milli oýunlaryny ýerine ýetirmegi halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamyndan biziň günlerimize gelip ýeten milli gymmatlyklarymyzyň ýaşlary ruhy-ahlak taýdan terbiýelemekde we millilik ýörelgelerimize ygrarly bolmagynda uly orna eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Nowruz baýramy bilen baglanyşykly milli tagamlaryň taýýarlanylmagy we däp-dessurlaryň, urp-adatlaryň ýerine ýetirilmegi, yrym-ynançlar barada gymmatly maglumatlaryň beýan edilmegi oňa gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

Baýramçylyk çäresinde uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz toparynyň aýdymlary we talyplaryň ýerine ýetiren goşgulary dabara özboluşly öwüşgin berdi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

### Uzaklary nazarlaýan maksatnamalaýyn bilim syýasaty dabaralanýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ähli ugurlary bilen bir hatarda bilim ulgamyny uzaklary nazarlaýan maksatnamalaýyn esasda ösdürmäge aýratyn uly ähmiýet berilýär. Muny häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bu ugur boýunça bellenilen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksadynda geçen, 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda kabul edilen «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» aýdyň subut edýär.

Bu möhüm resminamada kesgitlenen wezipeleriň durmuşa geçirilmegi bolsa ýurdumyzyň mundan bu ýana bedew bady bilen öňe gidip, dünýäniň ösen ýurtlarynyň birine öwrülmeginde ägirt uly ähmiýetiniň bardygy aýratyn bellemäge mynasypdyr. Bu strategiýada bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyla golaý gysga taryhy döwürde ýetilen sepgitleriň ygtybarly binýady bolup hyzmat edýändigini bellemek gerek.

Ilki bilen, bu döwürde ýurdumyzda ýokary hünär bilimini döwrebap ösdürmek üçin onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkden tutulandygynyň ähmiýeti uludyr. Garaşsyzlygy yglan edýän pursatlarymyzda ýurdumyzdaky ýokary bilim edaralarynyň sany ona-da ýetmedik bolsa, onda häzirki wagtda olaryň 30-a golaýy hereket edip, olar tarapyndan ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň dürli pudaklary üçin ýokary bilimli hünärmenleriň her ýylda müňlerçesi taýýarlanylýar.

Bu gürrüňi edilýän Resminamanyň Türkmenistanda ýokary bilimi ulgamynyň häzirki ýagdaýy barada anyk maglumatlary berýändigi muny aňryýany bilen subut edýär. Şol maglumatlara laýyklykda, 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde (harby we hukuk goraýjy edaralara degişli ýokary okuw mekdeplerini hasap etmäniňde) 35 müň 467 talyp bilim alan bolsa, onda 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä bu görkeziji 75 müň 100 ýetip, iki esseden gowrak artypdyr. Şol bir wagtda 2015-nji ýylda ýokary okuw mekdeplerine 7 müň 128 talyp okuwa kabul edilen bolsa, 2025-nji ýylda bu görkeziji 16 müň 782-ä ýetirilip, iki esseden gowrak artdyrylypdyr.

Şeýle-de ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilýändigi nazarda tutulyp, her ýylda täze hünärleriň, täze ýokary okuw mekdepleriniň açylýandygy hem möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli ugurlarynyň sazlaşykly ösüşini üpjün etmekde ýaş ýigitleriň we gyzlaryň dünýäniň dürli ýurtlaryndaky abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaklaryna giň mümkinçilikleriň döredilendigini hem bellemek gerek.

Şeýlelikde, «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynyň» kabul edilmegi geljekki onýyllyklarda bu ulgamy giň gerimde ösdürmäge, onuň dünýäde bäsleşige ukyply ýokary hünär bilimini kemala getirmäge esas bolup hyzmat etjekdigi şübhesizdir. Çünki bu Strategiýada bu ulgamy ösdürmäge hemmetaraplaýyn çemeleşilýär. Muny onuň «Girişden» hem-de 12 sany bapdan ybarat bolan mazmuny aýdyň görkezýär.

«Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynda» ýurdumyzda ýokary hünär bilimi ulgamynyň häzirki ýagdaýy beýan edilip, bu resminamanyň esasy maksady we wezipeleri kesgitlenipdir. Şol maksatlara ýetmek üçin bilim ulgamy bilen zähmet bazarynyň özara baglanyşygyny ýola goýmagyň meseleleri, ýurdumyzda ýokary hünär biliminiň gurşawyny giňeltmek, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmak, ýokary okuw mekdepleriniň okuw işine häzirki zaman sanly tehnologiýalary we usullary ornaşdyrmak, ýokary okuw mekdeplerinde ylmy-barlag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, ýaşlary ylmy işlere giňden çekmek, ylmyň innowasiýa üpjünçiligini kemala getirmek, olarda ruhy-ahlak we terbiýeçilik işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak işine iş berijileri giňden çekmek, ýokary okuw mekdepleriniň maliýe garaşsyzlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, olaryň yzygiderli ösüşini üpjün etmek, dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, ýokary hünär bilimi ulgamynyň halkara derejesinde ykrar edilmegini, bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek baradaky möhüm wezipeler kesgitlenip, ahyrda-da bu işleri amala aşyrmak bilen garaşylýan netijeler beýan edilipdir. Munuň özi geljekki otuz ýyla golaý döwrüň içinde bu ulgamda zähmet çekýän adamlaryň öňünde wezipeleriň anykdan aýdyň kesgitlenip berlendigini aňladýar.

Bu aýdylanlar «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynyň» durmuşa geçirilmegi hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» üstünlikli amal edilmegine ýokary hünär bilimi ulgamynyň agzybir, zähmetsöýer işgärleriniň mynasyp goşandy bolar diýsek hakykatdan daş düşmeris.

Bu jogapkärli wezipäni üstünlik bilen amala aşyrmak ugrunda ähli bilim işgärlerini uly yhlas bilen zähmet çekmäge çagyrýarys. Işiňiz rowaç, mertebäňiz belent bolsun, mähriban kärdeşler!

**Atajan BURYNOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, professor.**

## Halkara zenanlar gününe bagyşlandy

**6-njy martda** Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň bilelikde guramagynda 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we 8-nji mart — Halkara zenanlar güni mynasybetli «Zemine abatlyk, Arşa gözellik — Zenanlaryň mähri ömre gönezlik» atly aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi.

Aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň zenan professor-mugallymlary, talyplary we kümüş saçly enelerimiz gatnaşdylar. Çärede çykyş eden eneler, zenan mugallymlar we talyp gyzlar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitabynyň taryhy ähmiýeti, şeýle-de, bu ajaýyp kitapda hormatly Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat ejäniň keşbiniň çeper beýany we onuň gyz-gelinler üçin görelde mekdepdigi hakynda, eziz Diýarymyzda zenanlara goýulýan hormat-sarpa, köp çagaly enelerimize «Ene mähri» medalynyň gowşurylmagy, ene mukaddesligi, zenan mertebesini belentde tutmak, gyz-gelinlere hormat-sarpa ýaly köp asyrlaryň dowamyndan häzirki döwrümize gelip ýeten ajaýyp häsiýetleriniň dowamat-dowam edýändigi dogrusynda çykyş etdiler.



Çäräniň dowamynda Halkara zenanlar güni mynasybetli, ylym-bilim syýasatyny durmuşa geçirmekde wagyz-nesihat işlerinde aýratyn işeňňirlik görkezýän uniwersitetiň zenan mugallymlaryna Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň höweslendiriji sowgatlarynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi.

Aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz topary çykyş edip, olarda ata Watanymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, mährem enelerimizi, mähriban gyz-gelinlerimizi wasp edýän aýdymlardyr sazlar ýerine ýetirildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Uniwersitetimiziň talyby — «Talyp gözeli — 2026» atly gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi

**4-nji martda** Halkara zenanlar güni mynasybetli Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi hem-de Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda yglan edilen «Talyp gözeli — 2026» atly gözellik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi. Ol gyzykly hem ýatdan çykmajak täsirli pursatlara beslendi.



Bäsleşigiň jemleýji tapgyryna ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde geçirilen deslapky saýlawlarda zehini, ukyp-başarnygy bilen has tapawutlanmagy başaran talyp gyzlaryň 24-üsi gatnaşdy.

«Talyp gözeli — 2026» atly gözellik bäsleşiginiň şertlerine laýyklykda, oňa gatnaşyjylar ýurdumyzda türkmen gelin-gyzlaryna goýulýan belent sarpany, şeýle hem özleriniň döredijilik ukyp-başarnyklaryny, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy giňden belleniljek «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň baýramçylyk we döredijilik ruhuny beýan edýän aýdymsazlary, goşgulardyr täsirli sahna çykyşlaryny ýerine ýetirdiler. Şeýle hem olar Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen çap edilen «Bereketli türkmen saçagy» atly kitabyndan ugur alyp, milli tagamlarymyzyň biri bolan unaş kesmekde özleriniň aşpezlik ukyplaryny görkezdiler. «Hünärim bar — hormatym bar» diýlip atlandyrylan şert boýunça talyp gyzlar el işlerine çeperçilik ukyplaryny görkezip, nepis keşde çekdiler. Bilşimiz ýaly, halkymyzyň milli keşdeçilik sungaty ÝUNESKO tarapyndan Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilip, dünýä gymmatlygyna öwrüldi.



Gözellik bäsleşiginde eminler toparynyň biragyzdan gelen netijesine görä, baş baýraga Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň fizika fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Aýjan Baýramowa mynasyp boldy.

Baýrakly orunlara mynasyp bolan we bäsleşige işjeň gatnaşan talyp gyzlara guraýjylar tarapyndan sowgatlar ýadygärlik hem-de Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

***Aýjan BAÝRAMOWA, fizika fakultetiniň 2-nji ýyl talyby, «Talyp gözeli — 2026» atly gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi:***



— Her ýylyň bahar paslynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň bilelikde guramagynda Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda geçirilýän «Talyp gözeli» atly gözellik bäsleşiginde ýeňiji bolmak meniň üçin örän buýsançly we unudylmajak pursat boldy. Bu diňe bir meniň şahsy üstünligim bolman, maňa ynam bildiren bilim ojagymyň, ähli mugallymlarymyň ynamynyň miwesidir.

Ilki bilen, ýaşlara okamaga, öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirýärin. Şeýle mümkinçilikler biziň öz ukyp-başarnyklarymyzy görkezmegimize, ösüş ýolunda ynamly ädim ätmegimize güýç berýär. Şeýle hem meni bilim hem-de terbiýe bilen gurşap alan, maňa ýol görkeziji bolan halypa mugallymlaryma aýratyn sagbolsun aýdýaryn. Mugallymlarymyzyň beren goldawy bu günki üstünligimiň berk binýadydyr. Mugallym diňe bilim beriji däl, eýsem, geljege ýol görkeziji şamçyragdyr. Men olaryň ynamyny ödemek üçin mundan beýläk hem yhlas bilen okajakdygyma söz berýärin.

Bu gün men sahnada ähli talyp gyzlaryň adyndan çykyş etdim diýip hasaplaýaryn. Sebäbi bu bäsleşik gözelligiň çäginden çykyp, ýaşlygyň ruhuny, maksada okgunlylygyny we özüňe bolan ynamy görkezýän uly mekdebe öwrülýär. Şonuň üçin hem bu baýrak meniň üçin aýratyn gymmatlydyr.

Talyp deň-duşlarymyň goldawy meniň üçin iň uly güýç boldy. Her bir ýyly söz, her bir alkyş meniň ynamymy artdyrdy. Meniň bu günki gazanan üstünligim täze başlangyçdyr. «Talyp gözeli» ady meniň üçin uly buýsanç hem jogapkärçilikdir. Men bu at-abraýy mynasyp dowam etdirmek, jemgyýetimize peýdaly şahsyýet bolmak üçin ähli yhlasymy gaýgyrmaryn. Biz bagtyýar talyplara okamaga, öwrenmäge, döredijiligimizi, ukyp-başarnygymyzy görkezmäge giň şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

## Uniwersitet habarlary

**2-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşykda Türkmenistanyň Mejlisiniň, Içeri işler ministrliginiň, Baş prokuraturasynyň, Ýokary kazyýetiniň, Bilim ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Demokratik partiýasynyň, Kärdeşler arkalaşygynyň Milli Merkeziniň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň wekilleri çykyş etdiler. Çykyşlarda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sagdyn jemgyýeti kemala getirmekde durmuşa geçirýän özgertmeleri, «Ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda», «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda, ýaşlar syýasatynyň dabaralanyşy, bu ugurda alnyp barylýan işleriň döwletiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy bellenildi.



Şeýle hem çykyşlarda 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmeginiň taryhy ähmiýete eýe bolup durýandygy bellenilip, häzirki zaman türkmen jemgyýetine mynasyp ýaş nesli kemala getirmekde olary watansöýüjilik, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekdäki işleriň ähmiýeti nygtaldy.

Wagyz-nesihat duşuşygynyň ahyrynda oňa gatnaşanlar tarapyndan ýurdumyzda ýaşlar syýasatyny dabaralandyryp, milli däp-dessurlarymyza, ruhy we ahlak gymmatlyklarymyza hormaty, ýaş nesli kämillik ruhunda terbiýelemek, ylym-bilim ulgamyny ösdürmek babatda alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözleri beýan edildi.

* * *



**2-nji martda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen L.N.Gumilýow adyndaky Ýewraziýa milli uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk we özara kömek bermek hakyndaky Ylalaşygyň» çäklerinde, Gazagystan Respublikasynyň bu hyzmatdaş ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmaklarynda «Ýokary okuw mekdepleriň halkara reýting sanawlaryna goşulmaklarynyň mümkinçilikleri» atly tema boýunça wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

* * *




Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby Mukam Bekgylyjowyň goşgulary Russiýa Federasiýasynyň Penza şäherinde çap edilýän «Cypa» edebi-çeper žurnalynda rus dilinde neşir edildi.

Mukam Bekgylyjowyň goşgularyny rus diline rus şahyry hem-de žurnalisti Andreý Nowikow terjime etdi. Onuň neşir edilen goşgularynda, esasan hem, durmuş temasyna aýratyn orun berlipdir.

* * *

**4-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we 8-nji mart — Halkara zenanlar güni mynasybetli bilim alýan

**(Dowamy 4-nji sahypada)**

## Täzelikler

(Başlangyjy 3-nji sahypada)

talyp gelin-gyzlara hormatly Prezidentimiziň adyndan pul sowgadynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi.

«Berkarar Watanymyzda zenanlara sarpa bar, Arkadagly Serdarly ýurdum baky bagta ýar» atly dabara uniwersitetde bilim alýan, özleriniň bilim, ylym, taslama we döredijilik bäsleşiklerinde hem-de sport ýaryşlarynda gazanan üstünlikleri bilen tapawutlanan talyp gelin-gyzlar gatnaşdylar.

Dabarada Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym —



mukaddeslige tagzym» atly kitabynyň taryhy ähmiýeti, şeýle-de, bu ajaýyp kitapda hormatly Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat ejäniň keşbiniň çeper beýany we onuň gyz-gelinler üçin görelde mekdepdigi, eziz Diýarymyzda zenanlara goýulýan hormat-sarpa, köp çagaly enelerimize «Ene mähri» medalynyň gowşurylmagy çykyşlarda öz beýanyny tapdy. Çykyşlarda türkmen tebigatynyň gül-gunça açýan ajaýyp bahar paslynyň ilkinji günlerinde bellenilýän, halkymyzyň başynyň täji mähriban ene-mamalarymyzyň, gelin-gyzlarymyzyň ajaýyp baýramy bolan Halkara zenanlar gününiň taryhy ähmiýeti barada giňişleýin bellenilip geçildi.

Dabaranyň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz, «Diýar» tans, folklor we dutarçylar toparlary çykyş edip, olarda ata Watanymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny, mährem enelerimizi, mähriban gyz-gelinlerimizi wasp edýän aýdymlardyr sazlar ýerine ýetirildi.

* * *

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde ýokary okuw mekdebinde zähmet çekýän zenan professor-mugallymlara, işgärlere hormatly Prezidentimiziň adyndan pul sowgadynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi.

2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we 8-nji mart — Halkara zenanlar güni mynasybetli geçirilen dabara uniwersitetde köp ýyllaryň dowamynda bilim-ylym bermekde we asylly zähmeti bilen görelde bolup durýan, şeýle-de, medeni-köpçülik çärelerinde, jemgyýetçilik işlerinde, sportda gazanan üstünlikleri bilen tapawutlanan zenan professor-mugallymlardyr işgärler gatnaşdylar.




Dabarada edilen çykyşlarda türkmen tebigatynyň gül-gunça açýan ajaýyp bahar paslynyň ilkinji günlerinde bellenilýän, halkymyzyň başynyň täji mähriban ene-mamalarymyzyň, gelin-gyzlarymyzyň ajaýyp baýramy bolan Halkara zenanlar gününiň taryhy ähmiýeti barada giňişleýin durlup geçildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe zenanlarymyza goýulýan hormat-sarpanyň uly ähmiýete eýe bolup durýandygy nygtaldy.

Dabaranyň dowamynda uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz, «Diýar» tans, folklor we dutarçylar toparlary çykyş edip, olarda ata Watanymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny, mährem enelerimizi, gyz-gelinlerimizi wasp edýän aýdymlardyr sazlar ýerine ýetirildi.

* * *

**12-nji martda** Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň ýanynda hereket edýän «Institut français» fransuz dili boýunça okuw merkeziniň gurama-



gynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Halkara Frankofoniýa güni mynasybetli fransuz dili boýunça bäsleşigiň saýlama tapgyry geçirildi. Bäsleşige fransuz dili we edebiýaty hünäriniň talyplary gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Halkara Frankofoniýa güni mynasybetli mart aýynyň dowamynda geçirilýän bäsleşik birnäçe tapgyrdan ybarat. Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilýär.

* * *

**18-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, biologiýa boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirildi.

Bäsleşige Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň, Myrat Garry-



ýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Türkmen döwlet maliýe institutynyň, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň, Türkmen oba hojalyk institutynyň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň, Döwlet energetika institutynyň, Serhet institutynyň, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyplary gatnaşdylar.

Ders bäsleşigine her ýokary okuw mekdebinden 5 talyp gatnaşyp, ol Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň web saýtynyň binýadynda ýokary okuw mekdepleriniň özünde onlaýn arkaly geçirildi.

Bäsleşikde test soraglary botanika dersinden hödürlenilip, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabyny öz içine alýar.

Bäsleşigiň netijesi boýunça öňdeligi eýelänler şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenilip, ýeňijiler diplomlar bilen sylaglanarlar.

* * *

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026 — 2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasyna» laýyklykda «Talyplara daşary ýurt dillerini öwretmekde ylmy-pedagogik tärler» atly ylmy-usuly maslahat geçirildi.

Ylmy-usuly maslahatda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hoşniýetli daşary syýasaty esasynda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk we özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilişi, halkara gatnaşyklary ösdürmekde dilleri öwrenmegiň ähmiýeti, iňlis dilini talyplara öwretmegiň aýratynlyklary, dili barlamagyň usulyýeti, iňlis dilinden türkmen diline nakyllaryň terjimesi, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň ýaşlary terbiýelemekdäki orny, Magtymgulynyň goşgularynda diliň çeperçilik serişdeleriniň ulanylyşy ýaly ylmy nutuklar boýunça çykyşlar diňlenildi.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýeti boýunça halkara tejribäni öwrenmek, daşary ýurt dillerini öwretmegiň okuw-usulyýet binýadyny döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly alyp barýan işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş we hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

* * *

**24-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň himiýa fakultetiniň jemgyýetçilik guramalary tarapyndan «Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini ösdürmekde döwrebap ýokary bilimli hünärmenleri



taýýarlamagyň orny» atly wagyz-nesihat çäresi geçirildi.

Wagyz-nesihat çärede çykyş eden professor-mugallymlar we talyplary berkarar Watanymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen syýasatlarynyň esasynda durmuşa geçirýän özgertmeleriniň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan maksatnamalaýyn esasda ösdürmäge gönükdirilýändigini belläp geçdiler. Çykyşlarda durmuşyň dürli ugurlary bilen bir hatarda bilim ulgamyny, şol sanda ýokary hünär bilimini täze taryhy döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler barada hem giňişleýin beýan edildi.

Ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň bellenilýän 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagynda taryhy gymmatlyklaryň häzirki zaman şertlerinde belentden-belent dabaralanýandygy buýsanç bilen aýdyldy.

Wagyz-nesihat çäresiniň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymlaryna we talyplaryna Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzalyk şahadatnamalarynyň gowşurylyş dabarasy hem geçirildi.

* * *

Russiýa Federasiýasynyň Sibir Federal uniwersiteti tarapyndan guralan rus dili boýunça talyplaryň «ЯРус» XVII Halkara olimpiadasyna rus dili we edebiýaty hünäriniň IV ýyl talyby Läle Rzagulyýewa «Rus dili daşary ýurt dili hökmünde» ugrundan onlaýn görnüşinde gatnaşyp, I derejeli diploma mynasyp boldy.



(Dowamy 5-nji sahypada)

## Täzelikler

# SAHAWAT NURY

Eziz Diýarymyzda çagalaryň rahat dynç alyp, okap, öwrenip, döredip, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn bedenli, edep-terbiýeli, Watana wepaly bolup ýetişmeklerine gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Watanymyzyň röwşen geljegi bolan çagalaryň abadan durmuşyny üpjün etmek döwletimiziň esasy maksadydyr. Şunuň bilen baglylykda, çagalaryň mynasyp bilim we terbiýe almaklary, sport, döredijilik bilen meşgullanyp, ukyp-başarnyklaryny artdyrmaklary ugrunda ähli zerur tagallalar edilýär. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyza baştutanlyk eden ýyllarynda ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek, olaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, olarda belent ynsanperwer häsiýetleriň kemala gelmegi ugrunda uly tagallalary etdi. Häzirki wagtda bu tagallalar Milli Liderimiziň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri arkaly dowamata atarylýar.

Gahryman Arkadagymyz jogapkärli döwlet işiniň köpdügine garamazdan, hemişe ýurdumyzyň ýaş nesilleri, aýratyn-da, howandarlyga mätäç çagalar bilen duşuşmaga, olaryň hal-ahwaly, saglyk ýagdaýy, okuwy, höwes edýän ugurlary bilen gyzyklanmaga wagt tapýar. Milli Liderimiz: «Biz hemaýata mätäç çagalaryň ykbalyna, olaryň ýagty geljegini üpjün etmäge örän jogapkärli çemeleşýäris. Ýurdumyzda çagalaryň hiç biri hossarsyz däldir! Olaryň arkasynda dag ýaly döwlet durandyr» diýmek bilen, olary atalyk mähri bilen gurşap alýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasynda mährem enelerimizi, gelin-gyzlarymyzy Halkara zenanlar güni bilen gutlamagynda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan gyzjagazlara hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň adyndan baýramçylyk sowgatlarynyň gowşurylmagynda-da uly many bar.

2021-nji ýylyň 29-njy martynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Milli Liderimiziň ejize howandarlyk etmek, mätäji goldamak ýörelgeleriniň türkmen döwletliliginiň bir sütünine öwrülendigine ünsi çekip, haýsydyr bir sebäp bilen kömege mätäç ýagdaýda galan çagalara goldaw bermek üçin ýörite haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň gerekdigi barada pikire gelendigini aýdyp, degişli düzümi döretmek hakynda taryhy Karara gol çekipdi. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda eziz Diýarymyzda saglygyny bejertmekde goldawa mätäç çagalaryň ýüzlerçesiniň aýaga galyp, nijeme ynsanyň kalbynda umyt uçgunlarynyň döremegine sebäp bolan, hormatly Arkadagymyzyň adyny buýsanç bilen göterýän Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy bellenildi. Geçen gysga döwrüň dowamynda gaznanyň serişdeleriniň hasabyna ýurt boýunça howandarlyga mätäç çagalaryň ýüzlerçesine dürli operasiýalaryň geçirilmegi aýratyn nygtalmaga mynasypdyr. Şeýle-de çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde, mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaşajyk ildeşlerimiziň bejergileri, lukmançylyk maksatly serişdeleri satyn almaklary üçin pul serişdeleriniň bölünip berilmegi yzygiderli häsiýete boldy. Bu düzümiň ýardam bermeginde ýurdumyzyň welaýatlaryndaky hassahanalaryň çagalar bölümlerine «Tiz kömek» awtoulaglary, ýöriteleşdirilen lukmançylyk enjamlary sowgat hökmünde gowşuryldy. Gaznanyň hasabyna halkara derejeli ýaryşlarda Watanymyza mynasyp wekilçilik eden türgenlere gymmat bahaly sowgatlar berilýär. Ýaş nesilleriň ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen, onuň howandarlygynda dürli bäsleşikleri geçirmek hem asylly däbe öwrüldi.

Beýik ynsanperwer işleri bilen ýurdumyzy we dünýäni Gün kibi çoýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, aýdyň maksatly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Sapargeldi KAKAJYKOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.**

## Kitap okamagyň biraýlygynyň ýeňijileri sylaglanyldy

**25-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 11-nji ýanwardan 11-nji fewral aralygynda geçirilen kitap okamagyň biraýlygy boýunça bäsleşikde iň köp baha gazanan mugallymlardyr talyplara Diplomlar, Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

Kitap okamagyň biraýlygy Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 — 2029-njy ýyllar



üçin Döwlet maksatnamasynyň» tassyklanylmagynyň 1 ýyllygyna hem-de 2026-njy ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyna bagyşlandy.

Şeýlelikde, mugallymlaryň arasynda jenaýat hukugy kafedrasynyň uly mugallymy Dünýägözel Amanmuhammedowa 1-nji, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy Gülşirin Myradowa hem-de türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy Läle Aşyrowa 2-nji, umumy fizika kafedrasynyň mugallymy Aýjemal Gylyjowa, nazary we eksperimental fizika kafedrasynyň mugallymy Kemal Kizilow, organiki däl we analitiki himiýa kafedrasynyň mugallymy Ogulnar Baýsähedowa 3-nji derejeli diplomlar bilen sylaglandylar.

Talyplaryň arasynda tükmen dili we edebiýaty fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Selbi Gudjikowa 1-nji, tükmen dili we edebiýaty fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Abadan Şyhyýewa we taryh fakultetiniň 4-nji ýyl talyby Bägül Handurdyýewa 2-nji, iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň 2-nji ýyl talyby Arslangurt Muhammetýazow, hukuk fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Arzuw Söýegowa, tükmen dili we edebiýaty fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Hoşgeldi Paýzyýew 3-nji orunlary eýelediler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

**(Başlangyjy 3-4-nji sahypalarda)**

* * *

**25-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Magtymguly adyndaky Halkara baýragyň eýesi, alym Mäti Kösäýewiň doglan gününiň 120 ýyllygy mynasybetli «Mäti Kösäýew — edebiýaty öwreniji alym» atly ylmy-döredijilik maslahaty geçirildi.



Ylmy-döredijilik maslahatyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň professor-mugallymlary we talyplary hem-de alym Mäti Kösäýewiň nebereleri gatnaşdylar.

Duşuşygyň barşynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyplary tarapyndan «Janly ensiklopediýa» atly edebi-sazly kompozisiýa ýerine ýetirildi.

Ylmy-döredijilik maslahatyndaky çykyşlarda Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan Berkarar Watanymyzda türkmen halkynyň şöhratly taryhy, meşhur şahsyýetlerini we milli mirasyny öwrenmeklige giň mümkinçilikleriň döredilendigi bellenilip, ýaş nesli watansöýüjilik we ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde XX asyrda ýaşap geçen görnükli alym, magtymgulyşynas Mäti Kösäýewiň ömri, ylmy işleriniň gymmaty barada beýan edildi. Şeýle-de alymyň türkmen edebiýaty ylmynda galdyran işleriniň häzirki zaman türkmen jemgyýetinde uly orna eýe bolup durýandygy bellenildi.

* * *

**27-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Daşary ýurt dillerini öwrenmek — paýhaslylyga açylýan gapydyr (Learning foreign languages is the doorway to wisdom)» atly iňlis dili dersi boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirildi.

Bäsleşigiň maksady ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň iňlis dilini düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmegine gyzyklanmasyny artdyrmak hem-de çuňňur bilimliligini ösdürmek, häzirki döwrüň talaplaryna görä talyplaryň iňlis dili boýunça öwrenen nazary we amaly bilimlerini döredijilikli kämilleşdirmäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmekden ybaratdyr.

Iňlis dili dersi boýunça geçirilen bu onlaýn ders bäsleşigi jemi 50 soragdan ybarat bolan ýumuşlar berlip, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň web-saýtynyň binýadynda ýokary okuw mekdepleriniň özünde onlaýn arkaly geçirildi.

***

**27-28-nji martda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bilim ulgamyna innowasiýalary ornaşdyrmak, türkmen dilini sanlylaşdyrmak, Emeli aň (EA) tehnologiýalaryna esaslanan awtomatiki terjime ulgamlaryny, sesli kömekçileri we dil tehnologiýalaryny ösdürmek, talyplaryň hünär ugry boýunça taýýarlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, «LinguaTech — 2026» atly hakaton bäsleşigi geçirildi.



Hakaton bäsleşigine ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň her birinden toparlar gatnaşdylar.

«LinguaTech — 2026» atly hakaton bäsleşiginde emin agzalaryň goýan ballary arkaly toparlaýyn görnüşinde ýeňijiler kesgitlenildi. Ýeňijiler Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Diplomlary we ýadygärlik sowgatlary, beýleki gatnaşyjy toparlar Hormat hatlary bilen sylaglanyldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Ýer-Gögüň arasynda

Ýer-Göge sygman bahar geldi. Mart geldi. Mart geldigem Gurbannazar Ezizowyň:

*Belki, martda sallançakda ýatyrkam,*
*Gökden daman iki mawy damjajyk,*
*Gelip meniň gözlerime gaçandyr*

— diýen setirleri biygtyýar ýadyňa düşýär. Çünki 1-nji mart türkmeniň zehinli şahyrynyň doglan güni. Gök gözleri bilen dünýäni gören şahyryň poeziýasynyň esasy reňkiniňem gök bolmagy öz-özünden düşnükli. «Ykballar niýetden, dünýäler göreçden başlanýar» diýilmeýärmi näme?!

Gurbannazar Ezizowyň döredijilik dünýäsi özüniň çuňňur filosofiýasy, dili we stilistik özboluşlylygy bilen beýleki şahyrlardan tapawutlanýar. Şahyryň eserlerinde «Ýer» we «Gök» konseptleri uly orun alýar. Muny şahyryň «Ýer-Gögüň arasynda» ady bilen çykan ilkinji goşgular ýygyndysynyň adyndan hem aňlamak bolýar.

Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly ylmy-filosofiki eserinde «Ýer» we «Gök» sözleriniň sinonimleri bolan «Asman», «Zemin» düşünjelerine degişli: «Zehinli döwürdeş şahyrlarymyzyň biriniň «Söýgi» diýip atlandyran sonetler çemeninden:

*Asman-a — atamyz, Zemin enemiz,*
*Ýene söýmän ýaşamaly ýene biz?!*

— diýip ýazany hakydama gelýär» setirlerini mysal getirmek bilen Asman we Zeminiň jübütligi hakyndaky pikirlerini tassyklaýar. Bu bolsa Gurbannazar Ezizowyň «Ýer» we «Gök» düşünjeleriniň bitewüliginiň arasyndaky mazmuny hakda çuň oýa batyrýar. Ol öz eserlerinde «Ýer» we «Gök» konseptlerine yzygiderli ýüzlenmek bilen dünýäniň gurluşyny dikligine we keseligine ölçeglerde beýan edýär. Bu ölçegleriň iň ýokary nokadynda «Gök», aşaky nokadynda bolsa «Ýer» konseptleri orun alýar. Dilçilik nukdaýnazardan seredilende, bu sözler diňe bir fiziki giňişlik manysyny aňlatman, eýsem, adamzat ýaşaýşynyň maddy we ruhy taraplarynyň semantik meýdanyny emele getirýär.

G.Ezizowyň döredijiliginde «Gök» sözi köpmanylylygy bilen tapawutlanýar. Şahyryň galamyndan çykan jemi 454 eserindäki (jemi 432 şygry we 22 kyssa görnüşli eserleri) «Gök» sözüniň ulanylyş ýygylygyny hasaplanymyzda, jemi 121 gezek şygryýetde, 7 gezek kyssa görnüşli eserlerinde ulanandygyny ýüze çykardyk. Bu san maglumatlaryny göterim hasabynda beýan edenimizde şahyryň galamyna degişli eserlerinde gök reňki 28,2 göterime barabardyr. Toplanylan mysallary derňemek bilen şahyryň «gök» sözüni, esasan, üç manyda: reňk, asman giňişligi, meteorologik hadysa ýaly manylarda ulanandygyny görkezip bolar.

Şahyr «Gögi» eserlerinde, köplenç, ýetilmeli sepgit ýa-da ynsanyň ruhy gözlegleriniň meýdany hökmünde ulanýar. Dilçilik taýdan bu, konsept ugur-tarap aňladýan goşulmalar we işlikler arkaly aýdyňlaşýar. Mysal üçin:

*Käte göge galdym, kä gökden indim...*

Bu ýerde «Göge galmak» we «Gökden inmek» frazeologizmleri ynsanyň durmuşynda başdan geçirýän ruhy joşgunlaryny we ruhy çökgünligini aňladýan metaforik geçişdir. Bu mysaldaky «Gök» konsepti Arşdaky bakylyk mekany manyda ulanylypdyr. Şeýle hem «Daglar egnin gysyp, **göge** seredýär» diýen setirinde şahyr tebigaty janlandyrmak arkaly, Ýer bilen Gögüň arasyndaky dialogy döredýär. Daglar — Ýeriň bir bölegi bolup, olaryň «Göge seretmegi» maddy dünýäniň ruhy dünýä bolan teşneliginiň dildäki beýanydyr.

Gurbannazar Ezizowyň «gök» konsepti reňk manysynda ulanylanda, köplenç, ýaşyl reňk bilen garyşýar. Bu ýagdaý türkmen diliniň gadymy aýratynlygyna görä «gök» sözüniň mawy, ýaşyl reňklerini aňlatmak häsiýeti bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin:

*Hem gök otlar, hem gök baglar*
*Başyn egip dur.*

Bu setirlerdäki «gök» sözi tebigatyň janlanyşyny, ösüşini we bahary aňladýan epitet bolup gelýär. Epitet çeper sözüň bezegçisidir.

Şahyryň eserlerindäki «Ýer» we «Gök» konseptlerini dilçilik nukdaýnazardan derňemek arkaly bu iki düşünjeleriň, köplenç, jübütlikde ulanylmaklyk bilen bir bitewüligi emele getirýändigine göz ýetirmek bolýar. Emma şahyr käbir setirlerinde «Ýer» we «Gök» sözlerini bile ulanmak bilen diňe bir bitewüligi aňlatjak bolman, eýsem, olaryň arasyndaky serhedi hem aýyl-saýyl etmäge synanyşýar. Mysal üçin:

*Ýer nirde? Gök nirde? Bilip bolanok!*

Şeýle-de «Men saňa **ýer-gögi** peşgeş beremok» diýen setirinde «ýer-gök» sözüni bir bitewi düşünjä — «älem-jahan» manysyna getirýär. Bu ýerde «**ýer-gök**» bitewiligini aňlatmak üçin iki sany aýry-aýry gapma-garşy düşünjeler ulanylýar. Şeýle sözler stilistik figura hasaplanýan oksýumorony hasyl edýär. Muňa mysal edip, şahyryň «Käte **göge** galdym, kä **gökden** indim» ýaly setirlerini görkezmek bolar.

Gurbannazar Ezizowyň eserlerinde «ýer» konsepti, köplenç, topragy, ýaşaýyş mekany ýa-da durnuklylygy aňladyp gelýär. Mysal üçin:

*Meni ýerden göge galdyryp bilmez*
*Hiç perişdäň ýelden ýeňil ganaty.*

Şahyryň eserlerinde «Gök» sözi bilen bagly durnukly söz düzümi bolan «Gök gürlemek» diňe bir tebigat hadysasy hökmünde däl-de, eýsem, adam ruhunyň heýjanly pursatlaryny aňlatmakda hem ulananylypdyr. Mysal üçin:

*Ýagşy kişiň abyr-zabyry kimin*
*Gök gürlär, titrär, heýjana geler.*

Bu ýerde «Gök» subýekt hökmünde çykyş edip, onuň «gürlemesi» çeper janlandyrylýar. «Gök gürlemek» bu kuwwatyň we gahar-gazabyň çeper beýanydyr.

Gurbannazar Ezizowyň eserlerinde «gök» we «mawy» reňkleriň arasyndaky manydaşlyk gatnaşygynda az-kem parhyň bardygyny şahyryň bu iki sözi, köplenç, bile deňeşdirip ulanandygy bilen düşündirmek bolar. Mysal üçin:

*Deňiz başda gök däldi-de, mawudy.*

Ussat bu ýerde reňkleriň öwüşginlerini — gradasiýasyny ulanýar. «Mawy» — has dury we tämizligi aňlatsa, «gök» — has goýy we bitewi giňişligi aňladýar.

Şahyryň gündelik ýazgylarynda we proza eserlerinde «Gök» sözi öz göni manysynda we anyklaşdyryjy hyzmatynda gelýär.

« ...Ine-de, poçta ýaşigimizde **gök** bukja»

Bu mysalda «Gök» sözi predmetli-fiziki manyda bolup, ol umydyň we habaryň reňki hökmünde çykyş edýär.

«Äkidilende üstüni ýukajyk tozan gatlagy basan tabydymyz gaýdyp gelende, ýuwlup-ardylyp, öz **gögümtil** reňki bilen enaýy öwüşgin berýärdi».

G.Ezizowyň eserlerinde «gögümtil» ýaly ýasama reňk aňladýan sözleriň ulanylmagy onuň eserlerindäki reňk kontrastlaryna we detallara ünsli çemeleşilendigini görkezýär.



Şahyryň «Gök» bilen bagly ýene bir möhüm kognitiw modeli — «gök Şar» düşünjesidir. Mysal üçin:

*Geň zat! Täsin bir zat — bu goja gök Şar.*

Dilçilik nukdaýnazaryndan «gök Şar» düşünjesi dünýäniň kosmosdan görünýän keşbini däl-de, eýsem, barlygyň mawy we tämiz bolmalydygy baradaky ideýany öňe sürýär. Şahyr Ýeriň özüni «gök» bilen aňlatmak bilen «ýer» we «gök» konseptlerini kognitiw derejede ýene bir gezek bitewileşdirýär.

Gurbannazar Ezizowyň döredijiligindäki «ýer» we «gök» konseptleri dilçilik taýdan polisemik, metaforik we iki garşylyk ýaly aýratynlyklara eýedir.

Sözümizi jemläp aýtsak, şahyryň eserlerindäki «Ýer» we «Gök» konseptleri adamzadyň Älemde tutýan ornuny suratlandyrýan kämil bir dil ulgamydyr diýmek bolar. Geljekde olary dilçilik nukdaýnazaryndan, konseptual aýratynlyklaryna görä seljermeklik Gurbannazar Ezizowyň şahyrana diliniň has çuňlugyndaky manylaryny ýüze çykarmaga ýardam eder.

**Aýjemal HAJYÝEWA,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

# Nowruz — baharyň näzik nagmalarynyň nury!

***Bahar, ýaz... Gör, nähili täsirli düşünjeler. Bu sözler oýuňa gelende kalbyňa rahatlyk ruhy köküni urýar, pikirleriň seni giň sähralara, läle-reýhan meýdanlara tarap sürgün edýär. Bu duýgularyň aňyrsynda ýatan gizlin syr bolsa, alyslardaky giňişliklerde şol düşünjeleri alamatlandyrýan döwrüň başlanmagy bilen baglanyşyklydyr.***



Bu döwür seneleriň sahawatly soltany baharyň Zeminiň süňňüne aralaşýan, ynsanlaryň köňlünde keramatlyk kelamyny kämilleşdirýän döwrüdir, daşky gurşawyň bu täzeçilligiň bosagasyndan ätlemäge howlugyp, gojaman gollaryny giň äleme gerýän döwrüdir. Ine, şu ajaýyplyklaryň kemal tapýan günlerinde milletimiziň mizemez milli ruhuna eýe bolan Nowruz baýramçylygy halkymyzyň durmuşynda mynasyp orun tapýar. «Nowruz» sözüniň çuňlugyndan «täze gün» diýen many ýüze çykmak bilen, ol daşky dünýäniň gyş ukusyndan oýanyp, täze görnüşe eýe bolşuny, Ýer ýüzüniň çygjaryp, onuň damarlaryna dirilik suwunyň çaýylyşyny, kalplara joşgunly hyjuwyň bagyş edilişini aňladýar.

Ata-babalarymyzyň pähim-parasady bilen döredilen bu baýramçylyk gadymyýetiň heňňamlaryndan habar berýär. Gadymy «Ergenokon» dessanyndan mälim bolşy ýaly, biziň gadymy ata-babalarymyz bolan göktürkmenler dagyň demir bölegini eredip, «Ergenokondan» daşky dünýä çykan günlerini «mukaddes gün» hasaplap, bu güni her ýyl baýram edip belläpdirler. Käbir alymlar şol güni häzirki Nowruz güni diýip hasaplaýarlar. Nowruzda oduň ýakylmagyny hem göktürkmenleriň bellän baýramlarynda uly otlaryň ýakylmagy bilen baglanyşdyrýarlar. Şeýle hem, Nowruzda ot ýakmak däbiniň gadymy otparazlyk dininden gözbaş alyp gaýdýandygy çaklanylýar. Otparazlyk dininiň wekilleri oda mukaddes barlyk hökmünde garapdyrlar. Olar «ot adamyň içki dünýäsini arassalaýar» diýen düşünjä uýupdyrlar.

Gije bilen gündiziň deňleşýän gününde bellenilýän Nowruz baýramçylygy yrym-ynançlara, dürli däp-dessurlara gurşalan baýramçylykdyr. Halkymyzda baýram güni öýdäki ähli boş gaplary dolduryp goýmak yrym edilýär. Bu däp şol ýyl boýunça berekediň bol boljakdygyna bolan ynamdan şöhlelenipdir. Täze ýyla geçilende öýke-kineli geçmeklik ýazgarylyp, köne ýylda birekbirekden öýkeli adamlar täze ýyla gadam basmazdan ýaraşypdyrlar. Yryma görä, Nowruzda ýagyş ýagsa, şol ýyl hasylly bolarmyş. Şonuň üçin «Ýylyň gelşi nowruzyndan belli» diýilýär. Şeýle-de Nowruzdan öň iň esasy adatlaryň biri «öý kakmak» däbi bolup durýar. Täze ýyla arassaçylyk işlerini etmezden girmegiň dürli ýamanlyklara ýol açýandygyna ynanylypdyr.

Halkymyz beýleki halklardan tapawutlanýan milli tagamlarymyz bilen saçagy bezäpdirler. Baýramçylykda dürli-dümen nazu-nygmatlar, seçelenip duran kişmişdir maňyzlar, hozdur pisseler saçaga görk beripdir. Bu ajap günde çelpek, pişme, gatlama ýaly önümleri bişirmek aýratyn ähmiýete eýe bolup, ýaga bişirilen hamyr önümleriniň ysy «öýe bereket getirýär» diýlip ynanylypdyr.

Eziz Diýarymyzda gadymy däp-dessurlaryň rowaçlanyp, toýlarymyzyň toýa ulaşmagy üçin taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Selbi NURÝAGDYÝEWA,**
**türkmen dili we edebiýaty hünäriniň**
**1-nji ýyl talyby.**



# Buýsançly kalplaryň joşguny

## Waspnama

Garaşsyzlyk — göz guwanjym,
Bitaraplyk — bagtym meniň.
Arkadagly Sedar bilen,
Bagtyýardyr halkym meniň.

Arkadagly Serdarymyň,
Ady bardyr ösüşlerde.
Mertden bolan mert gerçege,
Alkyş çäksiz ýüreklerde.

Günbe-günden güýçlendirýär,
Ösüşleriň depgini.
Toý baýrama besläp barýas,
Her bir aýy, her bir güni.

Ak şäherim giň jahanyň,
Nusgasydyr aklyk bilen.
Sebäp düýbi tutulandyr,
Ýagşy niýet, päklik bilen.

Bagt aýdymy ýaňlanyp dur,
Her ädimde, her demimde.
Perzentlik borjun ödäris,
Mukaddes Watan öňünde.

***Aýjemal AÝDOGDYÝEWA,***
***hytaý dili we edebiýaty hünäriniň 4-nji ýyl talyby.***

## Bedewim

Tebigatyň gözel mirasy bize,
Nur çaýylan onuň ähli ýerine,
Ýetdirmeýär ýyndamlykda deňine,
Gamyşgulak, ahalteke bedewim.

Duýgurlygyň sözde beýan edilmez,
Bir sen bolsaň gaýry jandar söýülmez,
«Asyl göwher ýeke göze görünmez»
Üsti Süleýmanyň tagty, bedewim.

Asyrlardan aşyp geldi owazaň,
Daglar ýaly belentdedir howalaň,
Atalaryň yhlasynyň dowamy
Adyň uzar ýyldan-ýyla bedewim.

***Meryem AÝYMOWA,***
***fizika fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.***



## Derde derman ösümlikler

*Dertlere derman hem melhem çeşmesi,*
*Tebigatyň ýaşyl dermanhanasy.*
*Alym Arkadagyň ylham joşmasy,*
*Tebigatyň ýaşyl dermanhanasy.*

*Bedene gurbatdyr hozdur-pissesi,*
*Jana şypa berýär injiri-bary,*
*Ganazlyga emdir almasy-nary,*
*Ýürege kuwwatdyr erik kişdesi.*

*Dikelder bedeni üzüm hoşasy,*
*Behişdi nygmatdyr türkmen gawuny,*
*Ýakymly yslydyr sary mazysy,*
*Daglary, düzleri bezär ýowşany.*

*Efir ýagyň çeşmesidir arçasy,*
*Derde derman üzärligiň tüssesi,*
*Rysgalymyz ak bugdaýyň dessesi,*
*Mätäji ýetirdi waspyňy seniň.*

*Nohutdyr noýba, mäş — belok çeşmesi,*
*Fitonsiddir sarymsagy, sogany,*
*Fungisiddir düzüň düýedabany,*
*Tämizlikde ulandylar çogany.*

*Burçly unaş dümewliniň dermany,*
*Derläp içseň, janda goýmaz armany.*
*Orazada iýerler ol hurmany,*
*Hiç bir zada deňäp bolmaz buýany.*

*Däp-dessura siňen dagyň dagdany,*
*Daglara mahsusdyr türkmen badamy,*
*Bägüller heýjana salar adamy,*
*Domalany haýran eder dadany.*

*Şugundyry çeşmesidir şekeriň.*
*Gülälegi buşlukçysy baharyň.*
*Ýaz otydyr ýuwa, ýelmik, ysmanak.*
*Reýhan, narpyz ýürek-damara gerek.*

*Işdäň açar itburunyň miwesi.*
*Tagama tagam biýr hoşboý ziresi.*
*Ýaraňy bitirer sabyr şiresi.*
*Bedeni ýeňleder mekge gulpagy.*

*Künji, günebakar ýagyň çeşmesi,*
*Gowaçadan alnar ýüz elli önüm,*
*Çöpboýadyr gyzyl reňkiň çeşmesi,*
*Ýaşyl dünýä meň kalbymyň joşmasy.*

***Bahargül DAŇATAROWA,***
***botanika kafedrasynyň mugallymy.***

## Saňa

**Meni şahyr eden borly dünýäde,**
**Ülje kimin ýaňak, hurmaýy lebiň.**
**Belki-de, aňanam dälsiň şomahal,**
**Bendiwan eýlänin pamyk deý eliň.**

**Buýra saçlaryňa tow beren ýaly,**
**Goşardaky goşa dilli sagadyň.**
**Men saňa ýüregmi açasym gelýär,**
**Besdir indi, ýetenok meň takatym.**

**On dördi gijäniň ýyldyzlarymy,**
**Balkyldaýan seň garamyk gözleriň?!**
**Pete-pet duşaňda, giňeýär gursak,**
**Ýok wagtyňam teýinde deý gülberiň.**

**Wah, mugallym gyz, arman, dilim baranok,**
**Söýgikesel duýgularymy aýtmaga.**
**Söýübem bilemok senden özgäni,**
**Sen duýduňmy söýgim?! Hany, aýt maňa.**

***Mukam BEKGYLYJOW,***
***türkmen dili we edebiýaty hünäriniň 3-nji ýyl talyby.***

## Okuwa barýarkam...

**Ynha, daň säherde okuwa barýan,**
**Duralga. Garaşýan «29»-a.**
**«Gijä galamokmy?»,**
**Sagada bakýan,**
**On bäş minut galan eken sekize.**

**«Ýok, entek wagtym bar meniň birneme»,**
**Ýene rahatlygyň gelýär dowamy.**
**Duýgularmy goýberýärin erkine,**
**Şol pursat ýatlaýan eziz obamy.**

**Şol pursat janlanýar mährem ojagym,**
**Göz öňümde şol ajaýyp ýerinde.**
**Men bilýärin munuň şeýle boljagyn:**
**Ejem meni ýatlaýandyr serinde.**

**Ol maňa ak arzuwlary ýollaýar,**
**Güneş dogýan çagy – saba-säherde.**
**Bilýän, uly uýam işe barýandyr,**
**Uly laborant ol uly şäherde.**

**Mekdebe barýandyr ikinji uýam,**
**Mugallym ol – ýaşlar onuň elinde.**
**Goşgymyň hilini edýär ol aýan,**
**Çünki sapak geçýär türkmen dilinden.**

**Iki uýam bile ýöräp şu pursat,**
**Instituta sary gadam basýandyr.**
**Biri-birlerine diýseler bir zat,**
**Biri-birlerine gulak asýandyr.**

**Mugallymy bilen meniň jigim jan,**
**Ojagmyzdan şaýlanandyr mekdebe.**
**Begensin diýip ol mährem ejem jan,**
**Ençeme bäşlikler alýar hepdede.**

**Eger aramyzda bolanda kakam,**
**Ejem häzir öýde bolmazdy ýalňyz.**
**Men kakamyň sözlerini ýatlaýan,**
**Olar ýüregimden öçmezler hergiz.**

**Kakam: «Oka, oglum!» diýip aýdardy,**
**Talyp bolanymy görmedi, arman.**
**...Duralgada münüp «29»-a,**
**Onuň talyp ogly okuwa barýar.**

***Medet MEDEDOW,***
***taryh fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.***

# Tehnologiýa we sport

## Onlaýn terjime programmalary

Häzirki wagtda terjimeçilik işi düýpgöter üýtgedi. Öňler bir kitaby ýa-da eseri terjime etmek üçin aýlap, ýyllap wagt sarp edilýärdi. Onlaýn terjime programmalaryň ýüze çykmagy bilen bu işi amala aşyrmak onlarça, ýüzlerçe esse ýeňilleşdi.

«Google Translate», «Яндекс Переводчик», «DeepL», «Reverso» we «PROMT. One» — bular iň kämil onlaýn terjime programmalary hasaplanýar. Olaryň köp ýyllardan bäri ulanylýany «Google Translate» programmasy. Onda tekstleri, resminamalary we sesi 100-den gowrak dile terjime edip bolýar. Programmany «Android» we «iOS» operasion ulgamlarynyň esasynda işleýän smartfonlara ýükläp bolýar. «Google Translate» 2006-njy ýylda ABŞ-da esaslandyrylandyr.

Russiýada bolsa ilkinji «Яндекс Переводчик» 2011-nji ýylda işe goýberildi. Bu programma hem 100-den gowrak dile terjime etmäge ukyplydyr. Ony «Google Play», «App Store» we «RuStore» programmalaryndan ýükläp bolýar.

«Reverso» terjime programmasy «Reverso Technologies Inc» fransuz kompaniýasyna degişli. Bu programmanyň beýleki onlaýn terjimeçilerden tapawutly tarapy onda daşary ýurt dillerini hem öwrenip bolýar. Olaryň hatarynda iňlis, fransuz, ispan, italýan, rus we beýleki käbir diller bar. Ol 2013-nji ýyldan bäri işläp gelýär.

Ýene bir öňdebaryjy onlaýn terjime programmasy — «DeepL». Ol dünýäniň 200 müňden gowrak kärhanasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Her aýda bu programmada 70 milliona ýakyn söz terjime edilýär. «DeepL» 2017-nji ýylda Köln şäherinde işe goýberildi.

«PROMT» 1991-nji Russiýada esaslandyrylan kompaniýadyr. Ol terjimeçilik, emeli aňyň kämilleşdirilmegi bilen meşgullanýar. Onuň Russiýada, Germaniýada we ABŞ-da ofisleri bar. Bu programma iňlis, rus, nemes, fransuz, ispan, italýan, azerbaýjan, arap, iwrit, gazak, hytaý, koreý, portugal, tatar, türk, türkmen, özbek, ukrain, fin, eston we ýapon dillerini terjime edýär. Mundan başga-da «PROMT» iňlis, nemes, ispan, fransuz dillerini, durnukly söz düzümlerini, sözleriň transkripsiýasyny we aýdylyşyny öwredýär. Ol «Neural Machine Translation» neýro ulgamyň esasynda işleýär.

**Taýýarlan Aýsona ÝAZYÝEWA, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.**

## XIV Gyşky Paralimpiýa oýunlary geçirildi



**6 — 15-nji mart** aralygynda Italiýada XIV Gyşky Paralimpiýa oýunlary geçirildi. Oňa 55 ýurtdan jemi 612 sany türgen gatnaşdy. Olar sportuň 6 görnüşi, ýagny, biatlon, dag lyžasy, kýorling, lyžaly ýaryş, parasnowbord we selj–hokkeý boýunça 79 sany medal toplumy üçin bäsleşdiler.

Ýaryşyň jemi boýunça Hytaý 44 medal (15 altyn, 13 kümüş, 16 bürünç) bilen toparlaýyn medal hasaby birinji orna mynasyp boldy. Ikinji we üçünji orunlary ABŞ hem-de Russiýa eýeledi. Olar degişlilikde 24 (13 altyn, 5 kümüş, 6 bürünç) we 16 (8 altyn, 1 kümüş, 3 bürünç) medal gazandylar. Şeýle-de Italiýa, Awstriýa, Fransiýa, Ukraina, Kanada, Niderlandlar we Şwesiýa ýaly ýurtlar köp medal gazanan ýurtlaryň hataryndadyr.

Paralimpiýa oýunlary maýyplygy bar adamlar üçin geçirilýän halkara ýaryşdyr. Adatça, bu ýaryş Olimpiýa oýunlarynyň yz ýanyndan geçirilýär. Paralimpiýa oýunlary 1960-njy ýyldan, Gyşky Paralimpiýa oýunlary bolsa 1976-njy ýyldan bäri guralýar. Onuň sport görnüşleriniň oýlanyp tapylmagyny iňlis neýrohirurgy Lýudwig Guttman bilen baglanyşdyrýarlar. Ol 1948-nji ýylda ilkinji gezek Ikinji Jahan urşunyň weteranlary üçin oýunlary gurapdyr. Maýyplary ruhlandyrmak maksady bilen geçirilip başlanan ýaryş 1976-njy ýylda Şwesiýada ilkinji gezek Gyşky Paraolimpiýa oýunlary diýlip atlandyrylýar. 2030-njy ýylda bolsa Gyşky Paralimpiýa oýunlaryny Fransiýa geçirer.

Şu ýyl geçen Gyşky Paralimpiýa oýunlarynyň býujeti 900 million ýewro deň boldy. Altyn medala mynasyp bolan türgenlere 20 müň amerikan dollary, kümüş medal üçin 15 müň amerikan dollary, bürünç medala bolsa 10 müň amerikan dollary möçberinde pul baýragy gowşuryldy.

**Taýýarlan Parahat BATYROW, žurnalistika hünäriniň 3-nji ýyl talyby.**

## SPORT TÄZELIKLERI

* Angliýanyň «Liwerpul» klubunyň müsürli hüjümçisi Mohamed Salah häzirki möwsüm tamamlanandan soň topary terk etjekdigini mälim etdi. Bu barada futbolçy



özüniň sosial ulgamyndaky sahypasynda: «Gynansak-da, bu gün ahyry gelip ýetdi. Möwsümiň ahyrynda «Liwerpuly» terk ederin. Ilki bilen, şuny aýtmak isleýärin: bu klubuň, bu şäheriň, bu adamlaryň durmuşymyň şeýle möhüm bölegine öwrüljekdigini hiç wagt göz öňüne getirip bilmändim» diýip belleýär.

Mohamed Salah «Liwerpul» toparynda 2017-nji ýyldan bäri çykyş edip gelýär. Bu döwürde 33 ýaşly hüjümçi iki gezek Angliýanyň çempiony boldy, Angliýanyň Kubogyny, Liganyň Kubogyny we Superkubogyny gazandy. Şeýle-de ol UEFA-nyň Çempionlar ligasynda, UEFA-nyň Superkubogynda hem-de Klublaryň arasynda bolan oýunlarda-da aýratyn tapawutlandy.

* «Inter Maýami» toparynyň hüjümçisi Lionel Messi professional karýerasynda geçiren gollarynyň sanyny 900-e ýetirip, täze bir rekordyň eýesi boldy. Argentinaly ýyldyzyň ýubileý goly KONKAKAF-yň Çempionlar Kubogynyň çäginde «Neşwill» toparyna garşy geçirilen duşuşykda (1:1) hasaba alyndy.

38 ýaşly hüjümçiniň şeýle görkezijä ýetmegi üçin 1142 oýun gerek boldy — bu bolsa futbol taryhynda absolýut dünýä rekordydyr. Messi bu ugurda özüniň esasy



bäsdeşi Kriştianu Ronalduny yzda galdyrmagy başardy. Ýeri gelende bellesek, Ronalduny 900 gol sepgidine ýetmegi üçin 1236 duşuşyk gerek bolupdy. Şeýle hem argentinaly hüjümçiniň bu rekordy goýan wagty portugaliýaly bäsdeşinden bir ýaş kiçidigini nygtamalydyrys.

Topary kapitanynyň gazanan şahsy üstünligine garamazdan, «Inter Maýami» Çempionlar Kubogynyň şu möwsümdäki ýaryşlaryny tamamlady. Häzirki wagtda «Altyn topy» sekiz gezek gazanan Messi futbolyň taryhyndaky iň köp gol geçiren futbolçylaryň sanawynda 965 goly bolan Ronaldudan soň ikinji orunda barýar.

* Ýakynda «Formula-1» boýunça Hytaýyň 2026-njy ýyldaky Gran-prisi geçirildi. Bu ýaryşda «Mersedesiň» sürüjisi Kimi Antonelli öz karýerasyndaky ilkinji ýeňşini gazandy. Emma «Ferrariniň» sürüjisi Lýuis Hemiltonyň görkezen netijesi aýratyn ünsi çekdi.

Ýedi gezek dünýä çempiony «Mersedes-de» geçiren 12 ýylyndan soň «Skuderiýa» geçipdi. Onuň ilkinji ýylynda bir gezek hem münbere çykyp bilmändi, britaniýaly sürüji hatda «Ferrariniň» taryhynda münbere çykmazdan, geçirilen ýaryşlaryň sany boýunça antirekord goýdy.



Şowsuz tapgyr 2026-njy ýylyň Awstraliýa Gran-prisinde hem dowam etdi: şol ýerde hem topar strategiki taýdan ýalňyşlyk goýberdi, netijede topardaşy ondan az-kem öňe geçdi. Bu gezek Hemilton özüni görkezmegi başaryp, 2024-nji ýylyň Las-Wegas ýaryşyndan bäri ilkinji gezek münbere çykdy.

Bu netije Hemiltonyň karýerasyndaky 203-nji münbere çykyş hökmünde bellige alnyp, bu görkeziji onuň «Formula-1-däki» şahsy rekordyny täzeledi.

* Meşhur hokkeýçi Aleksandr Oweçkin Milli hokkeý ligasynda (NHL) çempionatlary we pleý-off tapgyrlaryny goşmak bilen, öz karýerasyndaky 1000-nji şaýbasyny geçirdi. Bu waka onuň çykyş edýän topary — «Waşington Kepitalsyň» «Kolorado Ewelanş» toparynyň garşysyna geçiren oýnunda bolup geçdi.

Oweçkin liganyň çempionatlarynda 1562 oýunda 923 şaýba, pleý-offda bolsa 161 oýunda 77 şaýba geçirmegiň hötdesinden geldi. Şeýlelikde, ol NHL-iň taryhynda karýerasynda 1000 şaýba awtorlyk eden ikinji oýunçy boldy. Ondan öň bu görkezijä diňe Ueýn Gretski ýetip, onuň hasabynda jemi 1016 şaýba bar.



**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Röwşen BEGŞADOW, pedagogika kafedrasynyň mugallymy.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com